TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET STANDARTY

# TÜRKMENISTANYŇ EÝEÇILIK GÖRNÜŞLERINIŇ DÖWLET KLASSIFIKATORY

**Resmi neşir**

«Türkmenstandartlary» Baş döwlet gullugy
Aşgabat

## Sözbaşy

1 Türkmenistanyň Milli döwlet hasabaty we maglumatlar instituty tarapyndan IŞLENILIP TAÝÝARLANYLDY WE HÖDÜRLENDI

2 "Türkmenstandartlary" Baş döwlet gullugynyň 2004-nji ýylyň Baýdak aýynyň 27-indäki № 28 buýrugy bilen TASSYKLANYLDY WE GÜÝJE GIRIZILDI

3 TDS 1.13-97 DEREGINE

Şu standarty "Türkmenstandartlary" Baş döwlet gullugyndan rugsatsyz doly ýa-da bölekleýin görnüşde täzeden ýazmak, köpeltmek we ýaýratmak gadagandyr.

## Mazmuny

1 Ulanylýan ugurlary ………………………………………………………….. 1

2 Klassifikasiýanyň obýektleri …………………………........………….. 1

3 Kadalaşdyryjy salgylanmalar………………………........…………... 1

4 Klassifikatoryň gurluşy……………………….............…………. 1

5 Klassifikatoryň ulanylyşy ……………………................………….. 1

6 Türkmenistanyň eýeçilik görnüşleriniň döwlet klassifikatory (EGDK)……………………..................………………………….. 1

A goşundy Türkmenistanyň eýeçilik görnüşleri baradaky esasy kadalaşdyryjy düzgünler..........................................………………. 2

**Türkmenistanyň eýeçilik görnüşleriniň döwlet klassifikatory**

**Государственный классификатор форм собственности Туркменистана**

**State classification of forms of property of Turkmenistan**

Girizilýän senesi: 2004-05-01

**1 Ulanylýan ugurlary**

Türkmenistanyň eýeçilik görnüşleriniň döwlet klassifikatory (EGDK) tehniki ykdysady we durmuş maglumatlaryny klassifikasiýalaşdyrmagyň we kodlaşdyrmagyň bitewi ulgamynyň düzümine girýär.

EGDK:

- hojalyklaryň hemme görnüşlerini we olara degişli eýeçilik görnüşlerini birkysymly bellik bilen bellemekligi üpjün etmek üçin;
- Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän hojalyklary (kanuny hukukly tarapy we şahsy tarapy döretmedik telekeçiler) hasaba almak we eýeçilik görnüşleriniň köpdürliligini seljermek üçin;
- hukukly taraplaryň we şahsy tarapy döretmedik telekeçileriň emläklerini eýeçiligiň görnüşleri boýunça bölmek, dürli eýeçilik görnüşli guramaçylyk-hukuk görnüşli hojalyk kärhanalarynyň işleriniň wajyp görkezijilerini (önümiň möçberini, esasy gaznalary we dolanyşyk serişdelerini, işleýänleriň sanyny, girdejini we beýlekileri) hasaba almak we seljermek üçin;
- hojalyk ýöredýän subýektler baradaky maglumatlary içine alýan, bellige alnyşlaryň, sanawlaryň, kadastrlaryň maglumat serişdelerini emele getirmek üçin;
- maglumatlar ulgamlarynyň utgaşdyrylyşyny üpjün etmek, tehniki-ykdysady we durmuşy maglumatlary awtomatlaşdyrylan usulda işläp taýýarlamak üçin;
- durmuş-ykdysady işleriň derňewi we çaklanyşy, ykdysadyýeti kadalaşdyrmak boýunça teklipleri taýýarlamak üçin niýetlenendir.

**2 Klassifikasiýanyň obýektleri**

Eýeçilik gatnaşyklarynyň ulgamynyň ykdysady derejesi hökmünde kesgitlenýän, emläge eýeçilik etmek, ony peýdalanmak, dolandyrmak hukugyny görkezýän eýeçilik görnüşi bu klassifikasiýanyň obýekti.

**3 Kadalaşdyryjy salgylanmalar**

Şu standartda aşakdaky resminamalara salgylanmalar ulanyldy:

«Eýeçilik hakynda» Türkmenistanyň Kanuny, 23.10.1993ý.;

«Daýhan birleşikleri hakynda» Türkmenistanyň Kanuny, 15.06.1995ý. ;

**4 Klassifikatoryň gurluşy**

Klassifikator gurluşy boýunça:

- klassifikasion koddan (kodlamagyň yzygiderli usuly boýunça düzülen sanlardan);
- eýeçilik görnüşleriniň toparlara bölünmeginden ýa-da adyndan ybaratdyr.

**5 Klassifikatoryň ulanylyşy**

Türkmenistanda eýeçilik görnüşleriniň umumy klassifikatorynyň ulanylyşy aşakdaky tertipde amala aşyrylýar:

5.1 Türkmenistanyň Milli döwlet hasabaty we maglumatlar instituty klassifikatory taýýarlamagy we oňa üýtgetmeler girizmegi amala aşyrýar.

5.2 Klassifikatora girizilen üýtgetmeleri “Türkmenstandartlary” Baş döwlet gullugy tarapyndan tassyklanylýar we hasaba alnýar.

5.3 Türkmenistanyň Milli döwlet hasabaty we maglumatlar instituty ulanyjylara girizilen üýtgetmeler, olary herekete girizmegiň tertibi we möhletleri barada habar bermegi amala aşyrýar.

**6 Türkmenistanyň eýeçilik görnüşleriniň döwlet klassifikatory (EGDK)**

Jedwel

| Kody | Ady |
|---|---|
| **10** | **Döwlet eýeçiligi** |
| 11 | Döwlet eýeçiligi |
| 12 | Ýerli öz-özüňi dolandyryş guramalarynyň eýeçiligi (munisipal eýeçilik) |
| **20** | **Hususy eýeçilik** |
| 21 | Raýatlaryň eýeçiligi |
| 22 | Kanuny hukukly taraplaryň hususy eýeçiligi |
| 23 | Raýatlaryň we hukukly taraplaryň gatyşyk hususy eýeçilikleri |
| **30** | **Jemgyýetçilik birleşikleriniň (edaralarynyň) eýeçiligi** |
| 31 | Jemgyýetçilik birleşikleriniň (edaralarynyň) eýeçiligi |
| 32 | Haýyr-sahawat we beýleki jemgyýetçilik gaznalarynyň eýeçiligi |
| 33 | Dini edaralaryň eýeçiligi |
| **40** | **Kooperatiw birleşikleriň eýeçiligi** |
| 41 | Alyjylar jemgyýetleriniň birleşikleriniň eýeçiligi |
| 42 | Önümçilik ýa-da başga kooperatiwleriň eýeçiligi |
| **50** | **Gatyşyk (birleşdirilen) eýeçiligi** |
| 51 | Gatyşyk (birleşdirilen) eýeçiligi |

| Kody | Ady |
|---|---|
| **60** | **Beýleki döwletleriň, olaryň kanuny hukukly we şahsy taraplarynyň eýeçiligi** |
| 61 | Beýleki döwletlerin raýatlarynyň we raýatlygy bolmadyk adamlaryň eýeçiligi |
| 62 | Beýleki döwletleriň kanuny hukukly taraplarynyň degişli eýeçiligi |
| 63 | Beýleki döwletleriň we halkara edaralarynyň eýeçiligi |
| 64 | Daşary ýurtlaryň, olaryň hukukly we şahsy taraplarynyň gatyşyk eýeçiligi |
| **70** | **Türkmenistan bilen bilelikdäki we daşary ýurtlaryň gatnaşmagyndaky gatyşyk eýeçiligi** |
| 71 | Türkmenistan bilen bilelikdäki we daşary ýurtlaryň gatnaşmagyndaky gatyşyk eýeçiligi |
| 72 | Türkmenistanyň gatnaşmagyndaky gatyşyk eýeçiligiň düzüminde beýleki döwletleriň, olaryň hukukly we şahsy taraplaryň eýeçiligi |
| 73 | Daşary ýurduň serişdeleriniň gatnaşmagyndaky gatyşyk eýeçiligiň düzümindäki Türkmenistanyň eýeçiligi |

**A goşundy**
(maglumat häsiýetli)
**Türkmenistanyň eýeçilik görnüşleri baradaky esasy kadalaşgyryjy düzgünler**

Goşundyda Türkmenistanyň eýeçilik görnüşleriniň döwlet klassifikatorynda ulanylýan esasy derejeleriň mazmunyny açyp görkezýän, kanun çykaryjy namalaryndan bölekler getirildi.

**«Eýeçilik hakynda» Türkmenistanyň Kanuny** (23.10.1993 ý. kabul edilen)

**A. 1 Eýeçilik hukukly hojalyklar** (6-njy madda)

"Türkmenistanda adamlar we kanuny hukukly taraplar, döwlet eýeçilik hukukly hojalyk bolup bilerler."

**A. 2 Eýeçiligiň görnüşleri.**

Türkmenistanda eýeçilik ykrar edilýär we goralýar, kanun tarapyndan el degirmezlik, hususy eýeçiligiň hemme görnüşlerinin ösüşi üçin deň gorag we deň şertler kepillendirilýär.

Türkmenistanda eýeçilik şu görnüşlerde bolýar (6-njy madda):
- hususy;
- döwlet;
- jemgyýetçilik birleşikleriniň (edaralarynyň) eýeçiligi;
- kooperatiw birleşikleriň eýeçiligi;
- beýleki ýurtlaryň, olaryň hukukly taraplarynyň we raýatlarynyň eýeçiligi;
- halkara guramalarynyň eýeçiligi;
- garyşyk (birleşdirilen) eýeçilik.

**A. 3 Hususy eýeçilik** (II bölüm)

**Türkmenistanyň raýatlarynyň eýeçiligi** (9-nji madda)

"Raýatlaryň eýeçilik obýektleri: mellek ýer, ýaşaýyş jaýlary, öýler, ýaýlalar, baglyk başyndaky öýler, ulagjaýlar, meýdan ýerde dikeldilen başga jaýlar we gurluşyklar, öý hojalyk we hususy ulanylýan esbaplar, önüm berýän we işçi mallalar, guşlar, pullar, paýnamalar we başga gymmat bahaly kagyzlar, intellektual işleriň netijeleri, köpçülik maglumat serişdeleri; hususy (maşgala) kärhanalary, Tükmenistanyň kanunlaryna görä raýatlara degişli bolmadyk emläklerden başga önümçilik, talap edijilik, durmuş, medeniýet we başga ýerlerde ulanylýan emläkler.

Raýatlar birleşikleriniň eýeçilik obýekti oňa girýänleriň goýumlaryndan, alnan girdejilerinden we başga kanuna gabat gelýän çeşmelerden ybaratdyr".

**Kanuny hukukly taraplaryň eýeçiligi** (10-njy madda)

"Kanuny hukukly taraplaryň eýeçiligi kärhana eýeçiligine we telekeçilik birleşikleriniň eýeçiligine bölünýär.

Kärhanalaryň eýeçilik obýektleri umumy eýeçilik hukugynda, her adama düşýän paýy (paý eýeçiligi) kesgitlenip ýa-da paý kesgitlenmän (bileleşik eýeçiligi) topara degişli bolup biler.

Türkmenistanyň kanunçylyk namalaryna görä, şu eýeçilik görnüşleri kanunynda göz öňünde tutulmadyk başga görnüşler hem döredilip bilner.

Telekeçilik birleşikleriniň hojalyk jemgyýetleriniň we şereketleriniň, köpçülik we kärende emläginiň elli göteriminden köpüsini satyn alan kärende kärhanalaryň, taraplaryň (konsernleriň, assosiasiýalaryň birleşmeleriň pudagara, sebitleýin we başga birleşikleriň) eýeçilik obýektleri bolup, olara döredijiler tarapyndan meýletin berlen, hem-de öz telekeçilik birleşigindäki işleri netijesinde alnan eýeçilikler, hyzmat edýärler".

Raýatlaryň we kanuny hukukly taraplaryň eýeçilik obýektleri birleşdirip döredilen garyşylan hususy eýeçilik (11-nji madda).

Raýatlaryň we kanuny hukukly taraplaryň (doly şereketler, garyşyk şereketler, çäklendirilen jogapkärçilikli şereketler, açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetleri) garyşylan eýeçilik obýektleri, olary döredenleriň goýumlaryndan, Türkmenistanyň kanunlary esasynda alan girdejilerinden we beýleki çeşmelerden ybaratdyr."

**A. 4 Döwlet eýeçiligi** (III bölüm)

**Döwlet eýeçiligi** (12-nji madda)

"Ýerasty, tokaý, suw baýlyklary, howa boşlugy, çäkdäki suwlaryň we deňiz ykdysady zolaklaryň baýlyklary, döwlet tarapyndan, goralýan ýa-da üýtgeşik görnüşde ulanylýan tebigy çäkler, Türkmenistanyň taryhy we medeni mirasy (ajaýyp medeni we tebigy ýadygärlikler we tebigy, medeniýet taryhy, ylym we tehnika obýektleri şol sanda döwlet muzeýlerinde, arhiwlerinde we kitaphanalarynda, olaryň saklanýan jaýlary we binalary hem, saklanýan gymmat bahaly zatlar) ýeke bir döwlet eýeçiligi bolýar".

**Munisipal eýeçiligi** (13-nji madda)

"Munisipal eýeçiligi şäherleriň, şäherçeleriň we obalaryň geňeşlerine degişli eýeçilik obýektlerinden, hem-de şol guramalaryň emlägi esasynda döredilen ýa-da alnan eýeçilik obýektlerinden durýar. Munisipal eýeçiligine girip bilýär: öz-özüni dolandyryjy degişli guramalaryň emläkleri; ýerli büjet harajatlary, büjete girmeýän gaznalar; döwlet ýaşaýyş jaý gaznasy we ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygy, döwlet ýaşaýyş jaý gaznasy, ýaşalmaýan jaýlar; oba hojalygy, söwda, hyzmat ediş kärhanalary; ulag; senagat, gurluşyk we beýleki kärhanalar, toplumlar; ylym, medeniýet, saglygy goraýyş döwlet edaralary we şäherleriň, şäherçeleriň we obalaryň ykdysady we durmuş ösüşini üpjün edýän eýeçilikler".

**A. 5 Jemgyýetçilik birleşikleriniň eýeçiligi, birleşikleriň emlägini dolandyrmak** (V bap)

**Jemgyýetçilik birleşikleriniň eýeçiligi** (24-nji madda)

Jemgyýetçilik birleşikleri jaýlary. binalary, desgalary, ýaşaýyş jaý goruny, ulaglary, enjamlary, gurallary, medeni aň-bilim we sagaldyş maksatly emlägi, pul serişdelerini, paýnamalary, beýleki gymmatly kagyzlary we jemgyýetçilik birleşiginiň özleriniň tertipnamalarynda bellenilen işi maddy taýdan üpjün etmäge zerur bolan beýleki eýeçiligi edinip bilerler.

Özleriniň tertipnamalaýyn maksatlaryna laýyklykda şol jemgyýetçilik birleşikleriň serişdeleriniň hasabyna döredilýän hem-de satyn alynýan edaralar, neşirýatlar, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri hem jemgyýetçilik birleşiginiň eýeçiliginde bolup biler.

Türkmenistanyň kanunlary arkaly emlägiň döwlet we jemgyýetçilik howpsuzlygy nukdaý nazaryndan ýa-da Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna laýyklykda jemgyýetçilik birleşiginiň eýeçiliginde bolup bilmejek görnüşleri bellenilip bilner.

Jemgyýetçilik birleşikleriniň eýeçiligi kanun arkaly goralýar.

**A.6 Birleşen kärhanalaryň, beýleki döwletleriň, olaryň kanuny hukukly taraplaryň we raýatlarynyň eýeçiligi** (V bölüm)

**Birleşen kärhanalaryň eýeçiligi** (18-nji madda)

"Türkmenistanyň kanuny hukukly taraplary we edara görnüşindäki tarapy döretmedik telekiçeler we daşary ýurtly kanuny hukukly taraplar we edara görnüşindäki tarapy döretmedik telekiçeleriň gatnaşmagyndaky bilelikdäki kärhanalar resminamalarda bellenen işleri ýerine ýetirmek üçin gerek bolan emläkleri eger-de, Türkmenistanyň kanunçylyk namalarynda başga ýagdaýlar göz öňünde tutulmadyk bolsa öz eýeçiliginde saklap bilerler."

**Başga ýurtlaryň raýatlarynyň we raýatlary bolmadyk adamlaryň eýeçiligi** (19-njy madda)

"Şu kanunyň düzgünnamasy Türkmenistandaky başga ýurtlaryň raýatlary we raýatlary bolmadyk adamlaryň eýeçiliklerine, ýer eýeçiliginden başga, degişlidir.

Mellek ýerleri başga ýurtlaryň raýatlaryna we raýatlygy bolmadyk adamlara eýelik etmek we ulanmak üçin berilýär."

**Başga ýurtlaryň kanuny hukukly taraplarynyň eýeçiligi** (20-nji madda)

"Başga ýurtlaryň kanuny hukukly taraplary Türkmenistanyň çäginde senagat we başga kärhanalary, jaýlary, desgalary we başga obýektleri hojalyk we başga işleri geçirmek üçin, Türkmenistanyň kanunlaryna görä, hususy eýeçilige alyp bilerler."

**Başga döwletleriň we halkara edaralaryň eýeçiligi** (21-nji madda)

"Başga döwletler we halkara edaralar Türkmenistanyň çäginde hususy eýeçilige jaýlary, desgalary, emlägi, diplomatik, konsulçylyk we beýleki halkara gatnaşyklaryna degişli işleri ýöretmek üçin gerek bolan başga eýeçilik emläklerini, Türkmenistanyň halkara şertnamalarynda we kanunçylyk namalarynda görkezilen ýagdaýlarda we tertipde, edinip bilerler."

**Garyşyk (birleşik) eýeçilik görnüşi** (IV bölüm, 22-nji madda)

"Hususy we döwlet eýeçilik obýektleri, hem-de jemgyýetçilik edaralarynyň, daşary ýurduň, olaryň kanuny hukukly taraplarynyň we edara görnüşindäki tarapy döretmedik telekiçeleri birleşdirilende garyşyk (birleşen) eýeçilik görnüşi ýüze çykýar."

**Kooperatiw birleşikleriň eýeçiligi** (VII bölüm, 23-nji madda)

"Kooperatiwleriň eýeçilik obýektleri olaryň agzalarynyň pul we beýleki emläk töleglerinden, önümçilik, söwda, taýýarlaýyş işlerinden, gymmat bahaly kagyzlar satylanda we kooperatiwiň düzgünnamasynda göz öňünde tutulan başga işlerden gelýän girdejilerden döreýär."

**Türkmenistanyň "Daýhan birleşikleri hakyndaky" kanuny**

(30.03.2007ý. HM kabul edilen)

**Daýhan birleşigi** (10-njy madda)

"Daýhan birleşigi – munuň özi oba hojalyk önümçiligini guramak üçin döredilýän we gatyşyk eýeçilige esaslanýar edara görnüşli tarapdyr"

"Döwlet tarapyndan daýhan birleşigine berlen ýer, esasy gaznalar we beýleki emläk degişlilikde peýdalanmak we hojalygy ýöretmek hukugynda oňa degişlidir hem-de olar bölünmäge degişli däldir.

Daýhan birleşiginiň öz serişdeleriniň hasabyna edilen maddy gymmatlyklary, alan girdejileri, şeýle hem birleşigiň ygtyýarynda galýan önüm onuň eýeçiligine degişlidir."

**UDK 002.6 : 006.354** **T 50**
**MKS 01.140.20**

Esasy sözler: klassifikator, görnüş, eýeçilik, kod, hususy, döwlet, gatyşyk.